# Fen / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Fen / hekaýa

FEN




– Alnaýaly-y?!
Diýip, keýwanysy telefonyň ekranyndan gözüni aýyrman oturyşyna, naýynjar haýyş etdi.
– Nämäni?-diýip, telewizoryň öňünde gyşaryp ýatyşyna, üç ýaşlyja ogly bilen mürepbeli çaý süzýän kişi, kellesini galdyrdy. Hatynyň aýasyndaky şapbat göwrümli aýna guta gözüni aýlady. Reňkli, iri harplar bilen ýazylan ýazgyny dodagyny müňküldedip içinden okamaga başlady:
“Internet dükany. Marketpleýs “Aldymgaç”. Sargytçy şäheriň çäginde bolsa 2 sagatda harydy öňünde joňkardýas. Welaýatlarda bolsa, öte ötse 20 sagatda ýetirip taşlaýas. Hasaplaşygy islendik görnüşde edip bilýäňiz. Internet banking, aýlyk ýa-da goýum kartlary, eltelefondan geçirmeler…tapawudy ýok. Şumat, bereniňizi almaga mümkinçiligimiz, näçe diýseň ba bolup ýatyr…”.
-Feni!-diýip, onýança durky-düýrmegi bilen telefona çümen hatyny jogap berdi.
-Fen nämäňe geräm-aý, şu pille?! Ondan-a, diňe özüňkä dä-de, tutuş hojalygyň derdine ýarar ýaly bir derekliräk zat alsaň gowy bolmajakmy?-diýip hüňürdän ol kişi, oglunyň çömmerden agzyna mürepbeli çemçejigi gysdyrdy.

-Alaýaly-la,-diýip, hatyny bir wagtyň özünde hem-ä özelenmäge, hemem jibrinmäge başlady:-Ilerki köçedäki söwda merkezde 200 manatdan ba. Orus bazarda 250 manatdan. Bärde bolsa bary-ýogy 150 manat ekeni. Göni şu taýda, Orus bazar bilen deňäňde 100 manat ekonom edip galýas. Üssesine-de gidip almaly dä. Üssüňe getirip gidýäler. Dostawka bahasam şoň içinne diýip ýazygly. Almagam ap-aňsatja. Oturan ýeriňden lotdaky harydy skrinşot edýäň-de, “Aldymgaçyň” imeýline ýollaýaň. Olaň görkezen hasabyna-da harydyň bahasyny geçirip alýaň. Soňam dostawşik üçin öz adresiň bilen telefon nomuryňy berýäň. Bolany. Aňrujy 2 sagatdan, üssüne siňek gonmadyk, täzeje fenli bolýaň. Özem tüýs meň diýýän firmamyňky…Onnoňam, gyran degmiş, hemme kişide şo üfleňňiç ba. Ala-böle mende-de ýok. Bü artyp galmyşyň saçynam her gezek guratjak bolsaň gara görgi. Özem bar-a, şü öýüň ody bilen girip, küli bilen çykyp, saçymy sübse, elimi kesewi edip, gije-günniz şapadaňlap ýösemem, inni gel-gel, bir wiçjik bahaly üfleňňije dözülmeýän bolsam, onna men-ä bilmedim…Alnaýaly-y-y…
Erkek halkynyň aglaba köpüsine aýalyň iňirdisem, özelenmesem, jowranmasam, jibrinmesem, zeýrenmesem…edil sygan jadysy ýaly täsir edýär.
Ýa-da banderloglara Kaaň haşşyldysy ýaly.
Bu öýüň hojaýyny bolýan kişiňem, mundan buýanky beýleki erkek ählinden artyk ýa-da kem ýeri ýok. Öýbikesiniň dumly-duşdan ok ýagdyrylýana çalym edip, yzy üzülmän depesinden eňterilýän söz siline özem duýman gark boldy-da, nädip: “Bolýa-how, bolýa. Nätseň şeýt!” diýenini bilmän galdy.
Ejiz naçar görgülä-de şu gerek. Ezberlik bilen eltelefonyny “şykgyldadyşdyrdy-da”, arzyly enjamyny “Aldymgaç”-dan aldym etdi.
-Aldym. Eýýäm yzyna elektron çek bilen sobşenýada ugratdylar,-diýip, erni-ernine degmän dylym-dylym edýän hatyny, telefonyna gelip gowşan habary okap ugrady:-“Söwdaňyz üçin Allahym ýalkasyn! Siziň gaýran bu gözel işiňiz üçin biziň minnetdarlygymyzyň kapilýarlaryny sökeläp sepleseňiz, takmynan Müşderi saýýarasyna baryp ýetip, ol ýeriň asmanyndanam almaz ýagmyry bolup ýagjakdygyny, sizlere tüýs ýürekden yglan eýleýäris! Hak Perwerdigär siziňem, biziňem işimizi oňuna etse, Gök aşak inip depämizden basmasa, astymyzda Ýer dilinmese, ýa-da, estagpurullah, üç mertebe tüf-tüf-tüf, ýakyndaky takmynan 120 minudyň içinne ahyrzaman gopmasa, NLO

çozmasa, tutuş adamzat ählini zakguntäç gyrmasa, üçünji jahan urşy güpür-tapyr başlamasa, galyberse-de, siziňem, biziňem nesibämize ýazylan bolsa we umuman, biziň size tarap, barça işini gyra taşlap, okdurylyp barýan çaparymyza hiç hili fors-mažor hadysalar zelel ýetirmese, siziň bizlerden satyn alyş kylan harydyňyz, sag-aman sizleriň ygtyýarlygyňyza baryp gowşar diýen ýagşy umytda we dilegdediris! ÖZLEŇŇIZLEREM BEK BELLÄŇLER! "ALDYMGAÇ" SIZ ÜÇIN IŇ YGTYBARLY, IŇ ÄHDINE WEPALY, HIÇ HAÇAN ÝALŇYŞMAÝAN HYZMATDAŞDYR!!!".
Aýalynyň okan bu habary ärini oýurgandyrdy.
-Ýaman birhili…neme-laý…-diýip, ol iňkisli hüňürdemäge synanyşdy.
-Goýsana, oglan! Senem derrew neme görmän nemäňi çykaryp başlaýaň! Özümiz ýaly musurman adamlardyr-da, "Aldymgaçyň" eýelerem! Kompýuterlerine şuň ýaly ak ýürekden aýdylan, uzynja habary ýazyp goýannyrlar. Onnoň o demirdir-plasmasdan ýasalan işigaýdanyňam nä, adamyňky ýaly aňy bamy diýsene?! Kim näme satyn alsa, şo habaryny sobşenýa edip, yzyna gönderip ýatannyr-da. Inelikge görersiň, şumad-a sagat sekiz. Alla bolsun etse, sagat on bolmanka-da fenjagazymy getiräkge garagymyň öňüne gapak ederler…
Aýaly agzyna ýapyşandan soň, ärem kellesinde oýanan müňkür oýlanmalaryny daşyna çykarman oňmaly boldy.
-Howwa-laý, keýwany! Seňki dogrudyr-laý! Menem ýöne, geçen asyryň 90-njy ýyllarynna çürkele-çürkele, inni hemme kişi-de kezzap görmäge halys endik edip gidäýipdirinmi nämemi?! Şuň ýaly bir zat boldugy, ýaman bahym erbetligi gümanlap başlaberýän. O "Aldymgaççy" bendelerem näme, dindar adamlar bolsa, gaýta öz işlerine has halal, jür çemeleşýännirler-dä…-diýmek bilen çäklendi.
Är-aýal garaşmaga başlady.
Aýal-a umytly, ärem şübheli.
Dokuz boldy.
Çapar gelmedi.
On boldy.
Habar ýok.
"Äý, ýüregimizi ele almaly. Häzir bir ýerden çykar-la!" diýen tama bilen, ýene-de on minut garaşdylar.
Ýok.
Soň ýene-de on minut, soň ýene-de on…
Garaz, sagadyň dili on birlige dyrmaşdy. Ýatar wagtam

golaýlady.
Çapar ýok.
Ölümi-dirimi?
Ýa-da ýaňky takwaçylyk bilen ýazylan uzyn habaryň dilinde aýtsaň, ol haýsydyr bir “fors-mažora” uçrapdyrmy?
Belli däl.
Äriniň ýuwaşjadan alarylyp, agralyp ugran nazarynyň astynda, az-kem müýnürgemäge başlajak bolýan aýaly, assyrynlyk bilen başga otaga geçdi-de, “Aldymgaç” marketpleýse ýagdaýyny mälim ediji habar ýollady.
Birki sekunt geçip-geçmänkä-de, jogabyny aldy.
“80061******. Şu belgi çaparymyzyňky. Habarlaşaýyň. Ýetip barýandyr.”.
-Meňkiň zarýady çöküp barýa. Seňkiden jaň edip, şü haram ölmüşiň dostawkaçysy bilen söwüşip-söwüşip içimi bir sowadaýyn-la!-diýip, özünde müýn goýmajak bolup çyr-çytyr çytraşýan aýaly, äriniň başujundan telefonyny alyp gaýtdy.
Jaň etdi.
Alyndy.
-Al…ýo…
Aňyrsy ala-zenzele.
Tar-r-tar-r, waz-z-waz-z…
Ses-üýn alşar ýaly däl. Üstesine aňyrky jogap berýäniň sesem üzlem-saplam gelýär. Her bir beren jogabyna çak edip düşünmeli.
-Alýo, eşidýäňmi meni?!
-Al…ýo…aýdy…riň…haw…diň…ýän…-diýip, aňyrdak-a aňyrdan gygyrýar.
-“Alýo” diýýän, gyran degmän galan! Eşidýäňmi meni?-diýip, öňem içi ýanyp durandygy sebäpli, girre gahary gelen bärdäkem bärden gygyrýar.
-Sögün…e…g…neje…, me…şu…agt…mottord…b…r…ýan-diýip aňyrdaky, şol bolşuna, ýene-de harçaňlaşjagam bolýar.
-Wah, siz bar-a, içjagazym-a tütetdiňiz-dä! Hany bi, “Aldymgaçyň” internetdäki postunda: “iki sagada ýetirmän harydyňyzy alnyňyza gazyk edýäs” diýip, ant içilip awy ýalanyp ýazylypdyr-a! A sen bolsa, eýýäm üç sagat geçse-de, heniz bolup gelmeýäň? Näme boldy? Jyn urdumy?!
-Näm…h…ryt, gen…je? Daryk…ň, haý…ş…ed…n! Hä…r…jik…ýet…p…b…r…an! Har…dyň kod…y…aýd…ň!
-Men oň koduny näbileýin, şumat? O elektron çegiňiz eýleki

telefonda galdy ahyry! Fen bolmaly, fen! Eşidýäňmi, “fen” diýýän men saňa, gulajygy ker açman galan!
-Hä, f…nmi? Ak..aş…ýak top…l…my…a dä…mi?! Ýe…ne…ýar…m…sag…t…an bar…an!
Duk-duk-duk…
Aragatnaşyk kesilenden soň, aýaly pişik basyşyny edip, ymyzganyp barýan äriniň ýanyna dolandy-da, emaý bilen telefony alan ýerinde goýdy.
-“Ýene ýarym sagatdan ýetýän” diýdi-diýibem pessaý habar berdi…
Bir sagat geçdi.
Tutuş öý ukuda.
“Jähenneme gitsin-le. Halys bolmasa, ertir “Aldymgaçyň” ofisine gidip, geçiren pulumy yzyna alyp gaýdaryn-na!” diýip içinden hüňürdän hatynam. Hüňürdemek borjuny, ýaltanyp, ukusy tutup, ertire goýan ärem. Ejesi-kakasynyň bu aladasyndan bihabar çagalaram.
Dyň-ň-ň, dyň-ň-ň, dyň-ň-ň…
Sessiz ýagdaýda goýlan telefonyň dyňňyldysy goýar ýerde goýman, hor çekip ýatan kişini oýardy.
Ol ukudan doly açylybilmän, sermenişdirdi-de, telefony aldy. Gözlerini açalak-ýumalak edip, ekranyň ölügsi gögümtil ýagtysyna seretdi. Nätanyş belgi. Aldy.
-Alýo?!-diýip onuň gyryljak hümürdärine mähetdelem, aňyrdaky içýakgyç dury hem şadyýan ses bilen çalt-çalt geplemäge başlady:
-Agam salawmaleýkim! Bagyşla agam, bimaza-da etdim. Siz “Aldymgaç” marketpleýsden fen satyn alypsyňyz. Men şo markediň gijeki dostawkaçysy, agam! Harydyň dostawka kody: dokuz dokuz, dokuz bitin müňden dokuz ýüz togsan dokuz! Şeýle dämi, agam?! Agam, men şumat Änewden çykyp barýan-da. Ýaňyrak gelnejem bilenem gepleşipdim. Şonda ol: “Akdaşaýak ýaşaýyş toplumynda ýaşaýas” diýdi welin, “Akdaşaýak” diýilýäni Bagyr bolýamy ýa-da Bäherden?! Şony sorajak boldum-laý, agam!
Aňyrdakyň arasynda dem alman diýen ýaly bir gezekde eňteren bu söz akymyna, gahary gelmekden ýaňa, diňleýän, nädip göz açyp-ýumasy salymda ukudan açylanynam duýman galdy.
-Eý-ý, sen: “Şumat Änewden çykdym” diýýäňmi?! Hany-ow, bi häli, bir sagat mundan ozal: “Size tarap barýan, ýene ýarym sagatdan ýetýän” diýipsiň-ä-how, hä?!
Aňyrdaky onuň gazaply haşşyldysyna birjik-de myzaýyk etmän,

öňküsi deý göwnaçyk hem şadyýan jogap berdi:
-Ýak, agam-aý! Beýdip, derrew-derrewden çalt gaharlanyp başlabermesene-how! Marketden size tarap sargydyňyzy gönderenlerinde: “Ýolugra şularam taşlap geçsene!” diýensoňlar, Änewe tarap gaýtmaly boldy-da!
Öý eýesi çaparyň logikasyna düşünmän, kellesine birki sekuntlyk agram saldy. Bolmady. Düşünip bilmedi.
-A-how, jijim, “ýolugra” diýýäň, Änew nire, Akdaşaýak nire?!
-A menem agam, sennen şony soraýan-da: “Akdaşaýak nire?” diýip.
Bu jogaba “ýa men sammyk, ýa-da o däli” diýip oýlanan öý eýesi, gije sagat birde, özüne nätanyş kimdir biri bilen telefonda gep uruşdyryp durmaga ýaltandy.
-Bolýar-eý inim! Sen bar-a, gijeki çapar bolýandan bolýan bolsaň, özüňem getirmeliňi getirjek salgyňy tapmaýan bolsaň, onda şo feni buwun getirme-de, erte ir bilen işden gaýdyp barýakaň taşlap geç-äý! Sagada seret özüňem! Uly il ukuda bumat!-diýdi-de, aragatnaşygy kesdi.
Ýassyga gyşardy…
Dört sekunt geçdi
Dyň-ň-ň, dyň-ň-ň, dyň-ň-ň…
-Aýtdym-a-how, men saňa: “ertir getir” diýip. Nä bimaza edýäň?
Ýene-de, “tarp” kesdi aragatnaşygy.
Kellesini güdri-güpjege goýup-goýmanka-da, telefona jan girdi.
Dyň-ň-ň, dyň-ň-ň, dyň-ň-ň…
-Näme-e-e?!-diýip ol, aýasyndaky telefony iýäýjek bolup, gazap bilen jaňy aldy.
-Agam jan, beýtme-dä-how! Men siziň alan zadyňyzy eltmäni ertire goýup bilemog-a-how! Özüň okansyň-a, biziň markediň şygaryna ters gelýär-ä, dostawkany ertire goýmak. Sen beýtseň, meni işden kowarlar-da-how, jan agamjan!-diýip aňyrdaky, ol seslenen dessine dünýäsygmaz naýynjarlyk bilen özelenip ugrady.
Haýpy geldi.
Azak-tenek ýumşady.
-Ýeri bolýa, saňa näme gerek, inim? Salgy bermelimi?
-Hawa, agam! Salgy berdigiň, men bar-a eddiljek ýel bolup uçakgetdin, aňry gitse ýarym sagatdan feniňi öýüňize dikýän!
-Büzmeýini bilýäňmi?
-Bilýän.
-Ana, şoň stadionyna ýetmäkäň, sagyňdaky toplum Akdaşaýakdyr.

Uly ýoldan gelşiňe, Toplum başlan badyna, birinji çatrykdan saga öwrül-de, göni gaýt gaýralygyňa. Sekizinji köçeden saga aýlansaňam, sagyňdaky dördünji jaý meňkidir. Gädige gelip, şu nomura aýlasaň daşaryk çykaryn. Ýatda saklarsyňmy?
-Eýýäm kellä peçat boldy, agam! Uly ýoldan stadiona ýetmän, birinji çatrykdan sagyňa, ondan göni gaýrak, sekizinji köçeden saga, sagdan dördünji howly! Agam, gaty yspakoýny bolgyň! Sözüm sözdür, aňyrsy ýarym sagatdan seniň feniňi paçak edip gaýdýan.
-Bolýa, bolýa…-diýip ol, ajymtyk gülümsiredi-de, ekrandaky gyzyl düwmäni basdy. Gyşardy. “Gelýänçä wagt bar-la, gelse jaň eder-dä” diýip, rahatlandymy nämemi, sähel salymdanam onuň ukuly myşlamasy eşidilip ugrady.
Sagat nol üç otuz.
Dyň-ň-ň, dyň-ň-ň, dyň-ň-ň…
-Häh, näme?…
Ol allanaçigsi bolup oýandy-da, ukyň arasynda näme edýändigine düşünmän telefony garbap alyp, gulagyna tutdy:
-Alýo?!
-Aý agam, nädýäň-aý, meni?!-diýip aňyrdaky, jaň alnaryna mähetdel, endigine eýerip janygmaga başlady:-Hudaý ba, sen jipies dagy bolan bolaýsaň, “Dubaýa ýol çyz” diýseň, Moskwa ugradardyň-ow! O men pahyry, “Akdaşaýagy salgy ber” diýsem, Herrikgaladan çykaraýypsyň-a-how, jan agam! “Jaň aýlap ýamaşekgetdan soraýyn” diýsem, swýaz ýitdi. Tüm-garaňkyň içinne, mottorly köçeden-köçä sermenip, näçe sapar ite kowalatdym. Tupige diräp, tas biriniň malýatagyna giryädim. O taýda dagy tutaýan bolsalar, Hudaý saklasyn-how, agam! Bumadyň adamlanny özüň bilýäň. Muň ýaly, kimde bolsa birini mugtuna ýenjip bolýan elpe-şelpelik tapsalar hezil edýäler. “Ogry tutduk” diýşip, it saýan ýaly saýardylar. Aý agam-aý, seň bir öli feniň diýip, men görgülem nä günlere düşüp ýön-aý?! Hä, agam?! Ölümiň öýünne zordanjyk bir mekdebiň garawuly duşup, şo bende o taýynyň bu taýy däldigini aýtdy. Uly ýoly salgy berdi. Ýohha dagy-y-y, ýene ýüz ýyllabam şo tümlügiň içinden çykyp bilmän, azaşar ýörerdim…
Çaparyň jibrinmesi aňyna ýetende, ol güljeginem bilmedi, gaharlanjagynam. Pyňkyrman zordan saklandy:
-Dur-how, inim, dur! Men saňa adam ýaly düşündirdim-ä. Senem: “ýat bekledim” diýdiň. Onsoň Herrikgalada näme işläp ýöň?
Çaparyň peltesine ýag daman bolara çemeli. Ol ýene-de örç alyp

galdy:
-Aý agam, menem seň aýdyşyň ýaly etdim-dä. Şäherden bäriligine Büzmeýine tarap ýoldan gaýtdym. Stadionyň deňesine ýetibem aşaklygyna, uly ýola düşdüm. Soňam sagyma öwrülip, öňümden çykan birinji çatrykdanam ýene-de saga aldym. Ondanam dik köçeden göni daga tarap tutdurdym. Ýöne sen: “sekizinji köçeden öwrül” diýdiň welin, o taýda sekizinji köçe bolmasa nädersiň? Köçe gutaryp, badyma barşyma, biriniň sygyr ýatagyna girdim-ä-how, agam! Nä, men görgülide kastyň bamydy-aý, meni beýdip oýnar ýaly, hä agam?!
Öý eýesiniň gülküsi tutdy.
-Eý inim, men saňa: “aşaky ýoldan Büzmeýine garşy gaýt” diýdim, sen bolsa ýokarky ýoldan gelip, soňam stadionyň ýanyndan şähere garşy öwrülipsiň. Onsoň beýtseň meň saňa “sag” diýenim-ä “çep” bolýa, seň “sag” diýýäniňem, meň diýýänimiň “çepi” bolýa. Sen-aýt, jigi, gündogar näme, günbatar näme bilmeýäňmiň-aý?!
Aňyrdaky az-owlak oýurgandymy nämemi, sesini çykarman biraz durdy. Soňam hälkisine görä biraz durulygy ýiten solaksy äheňde dillendi:
-Aý bolýa-laý, agam! Her kim özüniňkini dogry etjek bolýa. “Sagyň çep bolýa, çepiňem sag bolýa” diýip kellämi bulaşdyrýaň-laý! Onnoňam o “gündogar, günbatar” diýýäniňi gijäň içinde nireden biljeg-aý?! Aý bolýa, agam, hany indi aýtsana, men nirä, nädip baraýyn? Meň-ä şumat halys aňkam aşdy…
Gijeki ukusynyň kül-peýekun edilendigine garamazdan, zanny ýumşak bolara çemeli, öý eýesi ýaş ýigdiň özelenip durmasyna dözmedi.
-Bolýa, inim, sen şu mahal nirede dursuň?
-Şo ýaňky aýdan stadionyň ýanynda.
-Onna dur şo taýda, hiç ýere gitme. Men häzir barýan-diýdi-de, ol ýyrşardy. Soňam hernäçe dözümsiz bolsa-da, çapar ýigdi ýaňsylaman saklanyp bilmedi:-Ýogsa, öň biriniň kümesine giren bolsaň, inni äpişgesinden aşarmyň nädermiň…
Şol çyplaklygyna daşaryk çykdy. Ulagyna tarap ýöneljek boldy-da, kürtdürdi.
Otlasaň çagalar oýanjak, “gara gijäň içinde kakam näme işläp ýörkä” diýerler, üstesine-de derwezänem açmaly…
Ol: “äý bolýa-laý” diýen terzde elini silkdi-de, ortanjy oglunyň tama söýelgi tigrine ýapyşdy. Derwezäniň çetki

gapysyndan idip çykdy-da, üstünde joňkardy.
Ýak bir, bissimylla, çüw atym… Ýola düşdi.
Ýaldyrak dogandan soň günsaýyn salkynlap barýan awgust gijesi. Daňdanyň ýakyn gelendigini duýduryp, çigreklije şemal öwüsýär. Ýyldyzlar garaňky asmanda çyra düşen zer däneleri deýin ýylpyldaşýar. Köçe gum-gukluk. Diňe ondan-mundan itleriň “haw-hawlaşýan” sesleri gelýär…
Bäh…
Muň ýaly gijäň bir wagty ýeke özi, ine şeýdip köçä çykyp görmänine-de ýüz ýyl dagy geçäýipdirmi?
Öýdäkini awlajak bolup, olaň tutluk ýabyndamy ýa-da melleginiň aýagujunda bukdaklanan jahyllyk, kaýda galdyň gitdiň, sen gardaş?!
Tomus gijesiniň sergin şemalynyň gursagynda oýaran, bu köne, undulan duýgusy onuň süňňüni ýeňletdi. Ol aýagynyň agramyna “şyg-şyglap” aýlanyp barýan çarha, özem duýman birneme bat berdi. Şonuň üçin, nädip köçäniň ahyryna ýetip, uly ýola diräninem aňşyrmady.
Hol beýleräkde, ýap-ýagty ýoluň gyrasynda kellesi şlýomsyz biri, motosiklediň eýerinde oturan ýerinden, bir aýagyny ýere diräpdir-de, töweregine garanjaklap dur.
Keýpiniň kökdügi zerarly ol, Görogludan ýadyna düşen jümläni özüçe üýtgetdi-de, eşidiler-eşidilmez hiňlenjiräp, tigriniň şahyny şol tarapa burdy.
-Aý Buldur aga, waý, Buldur aga! Meger bolsaň, şuldur aga! Heleýleriň duldur aga! Waý Buldur aga, aý Buldur aga! Bolup bilseň, şulsuň aga-a!
Duranyň deňesine ýetip, togtady:
-Saglykmyň-how, inim? Maňa garaşýaňmy?
-Fen seňki bolsa-ha, saňa garaşýan agam!-diýip ilkagşamky alçaklygyndanam, şady-horramlygyndanam nam-nyşan galmadyk ýigit, ýüzüni sortduryp jogap berdi. Soňam sesini çykarman ulagynyň yzyndaky gapyrjagy açdy. Sebedi çykaryp uzatdy. Sebet elden-ele geçen badyna-da, gapyrjakdan gysgyjyna kagyz gysdyrylan planşetkany çykardy:
-Agam, şuňa-da “aldym” diýip gol çekip bersene. Men gideýin. Seň feniň diýip, bar işimden galdym. Smenim häli, sagat on birde gutarýady-diýip hüňürdedi.
Çagasy bilen ýaşytdaş ýigdiň özünde günä goýmanmy ýa-da “gorkan-öňürder” edipmi, öýkelän bolup durşuna, ol dodagyna siňdirip kinaýaly ýylgyrdy-da, uzadylan sanawdan öz harydyny

tapyp, gol çekdi:
-Bolýa, inim! Saňa-da, seň müşderileňňe-de Allaň özi sabyr berewersin! Bar, Alla ýaryň!
Plantşetkany ýerine salyp, gapyrjagy ýapan ýigit, bir depende motosikledini otlady. Birdenem, müşderisine garşy boýnuny gyşartdy-da:
-Agam, menem-ä sargydy gowşurjak bolup, barypýatan kesirlik etdim welin, senem-ä gije sagat dörtlügine seretmän, özüňkini aljak bolup, ölemen hötjetlik etdiň-aý!-diýdi. Soňam garagolluk bilen ýyrşaryp, gözüni gypdy-da, duran ýerinden bat alyp, zut gitdi.
Onuň yzyndan gülümsiräp seredip duran ol bolsa, birdenkä içi fenli sebediň eline öteräk agram berýändigini syzdy.
“Beh, bu nä beýle agyr-la!” diýen iňkis bilen, ol sebedi açdy-da, ondan kagyz gutuny çykardy.
Drel.
Ol birsalym elindäki guta mölerilip seredip durandan soň, birdenkä arkan-ýüzin gaýşyp, loh-loh gülmäge başlady. Yns-jynssyz uly ýoluň gyrasynda, gara daň bilen ýeke özi gülüp-gülüp keýpden çykybam:
-Ine, muňa keýwany, owaly bilen-ä “nesibe” diýýäler, galyberse-de “adalat”…Kim kösenip towuk baksa, heýgenegem şo iýmeli bolar-da! Dogry dämi, nä?!-diýdi-de, elindäkini yzyna saldy. Soňam ýene-de Göroglyny özüçe üýtgedäkge, keýpihon hiňlenjiräp, ýola düşdi:
-Haýh! Namart bilen ýola gitseň…
Haýh! Namart bilen ýola gitseň-ho-o-w, ow, ow…
Baryp bir menzile ýetseň,
Tüntawy hemsaýa tutsaň,
Çilim diýseň nas getirer…
Fen diýseň, drel getirer…
Haýh!…
Hekaýalar